***Zenanlaryň jemgyýetdäki ornuny berkitmek, şeýle hem halkara hukugyň umumy ykrar edilen kadalaryna laýyklykda, gender deňligini üpjün etmek Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Türkmenistan döwletimiziň bu ugurdaky hereketleri halkara derejede giň goldaw tapýar. «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçirilýän «Häzirki zaman jemgyýetinde zenanlaryň orny: Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek ugrunda halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek» atly halkara maslahat munuň nobatdaky aýdyň beýanyna öwrüler.***

Bu forum zenanlaryň jemgyýetde eýeleýän möhüm ornuna ünsi çekip, olaryň mümkinçilikleriniň giňeldilmeginiň, milli we halkara derejede syýasy çözgütleri kabul etmek işine işjeň gatnaşmaklarynyň durnukly ösýän jemgyýeti kemala getirmek üçin esasy şertleriň biridigini aýdyň görkezer. Şoňa görä-de, halkara maslahata degişli düzümler tarapyndan ýokary derejede taýýarlyk görüldi. Hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllygynyň, şeýle hem Birleşen Milletler Guramasynyň esaslandyrylmagynyň 80 ýyllygynyň bellenilýän Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda geçirilmegi forumyň ähmiýetini has-da artdyrýar.

Halkara maslahat bilen ugurdaşlykda köpugurly sergi hem guralýar. Giň möçberli sergide zenanlaryň jemgyýetiň ähli ulgamlaryna işjeň gatnaşýandygy bilen baglanyşykly görkezijiler öz beýanyny tapýar. Forumyň geçirilýän ýerinde döredilen şertleriň häzirki zaman talaplaryna laýyk gelmegi bolsa halkara çäräniň ýokary guramaçylygyny üpjün etmekde ähmiýetlidir. Ýeri gelende, ýurdumyzyň käbir ýokary okuw mekdeplerinden birnäçe daşary ýurt dillerini bilýän talyp gyzlaryň giň möçberli sergide degişli pawilýonlara wekilçilik edýändiklerini bellemek gerek. Şeýle hem meýletinçi we ýaş wagyzçy talyp ýaşlar hem gatnaşyp, bu forumyň ýokary guramaçylykly geçirilmegine möhüm goşant goşýarlar.

Umuman, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçirilýän «Häzirki zaman jemgyýetinde zenanlaryň orny: Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek ugrunda halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek» atly halkara maslahat Türkmenistan döwletimiz bilen Birleşen Milletler Guramasynyň arasynda ynsanperwer ugurly hyzmatdaşlygy ösdürmekde, zenanlaryň hukuklaryny giňeltmekde we bu ugurda halkara guramalar bilen çagalaryň inklýuziw ösüşi babatda gelip çykýan wezipeleri durmuşa geçirmekde möhüm meýdança bolup hyzmat eder.

**Jennet MYRADOWA,**
**Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara žurnalistikasy fakultetiniň 5-nji ýyl talyby.**

Все права защищены

save pdf date >>> 09.01.2026